# Uruş / sonetler çemeni

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uruş / sonetler çemeni URUŞ



I.
Tisginip oýandym, gijäniň ýary,
Hanjar deýin oklar bagrymy kesip.
Bir ýerde janhowla aglap Nepesim,
Burnumda tüteýär ot-ýalyn, däri.

Uruş, zalym uruş ynsany orýar,
Haýyr şeriň, şer haýyryň kastynda,
Ganlar şarlap akýar, gül ýüzler solýar,
Tersine bolmaly dälmi, aslynda.

Ýaralanan ýürek döwülen syna –
Gana, jebre, jepa eýlenen sudur,
Bolup bu ýowuzdan ýowa nyşana,

Ähli uruşlaryň garşysynda dur.

"Indi ömürylla bolmasyn uruş!“
Gygyrýan jebirli döşüme urup.

II.

Men külli ynsanyň aýdymy bolup,
Sözleýän: “Eý, iller, eşidiň indi,
Ýüreklewrmiz ýoluk, umytlar ýoluk,
Jerengöz ezizleň ömri tükendi,

Tükendi sabyrlar, tutaşdy gazap,
Urşa garşy älem başlady jeňe.
Öňki ýeňişler etmeýäs hasap.
Indi boljak ýeňişdir, diňe.

Goparyň, kökünі, şahasyn omruň,
Gyrçap aýryň urşuň ýowuz adyny.
Bu eziz zemini bossana öwrüp,
Gurmak gerek azat dünýäň binýadyn.

Ýöräň ýeňşe sary deň gadam urup,
Uýup adalata, ýeňişe uýup.

III.

Ýöräň ýeňşe sary deň gadam urup,
Uly umyt berip, näumyt ömre,
Ýaşalýarka gyzgyn gülläň astynda,
Ajalyň, ýeňişiň öňdekä, öňde.

Söýülmedik gyzlar barka yzyňda,
Eneň! Çagalygyň! Doguljak ogluň!
Diş gyjap ýatandan-yzda- garymda,
Ýeňişiň ýanynda boş durka ornuň.

Hiç hili ýol ýokka geçere yza,
Ölmäge taýýarka gyzgyn gursaklar.
Onsoň uruş bu watanyň üstünde,

Neneň edip eşret, döwran sürjek sen.

Watan ýylydýarka bedeni, gany,
Hasratlyň alyndan Gün dogan ýaly.

IV.

Hasratlyň alyndan Gün dogan ýaly,
Ýowuz günde mert ogullar dogulýar.
Dünýä ýüzi şeýle mertleň mazary,
Şondan gaýdýar mertlik-kökler, bogunlar.

Göroglyň şuglasyn ýatladym bir gün.
Säher syryp bulutlaryň kemendin.
Özüm nura besläp äleme urdum.
Belki, töwekgeliň işi keremdir.

Ähli betpygylyň tutarmyş gözün,
Ýagşy töwekgellik, haýyr hem ömür.

V.

Ýagşa töwekgellik, haşyr hem ömür,
Ykbaňly ot –suwdan alýar-da çykýar,

Ezizini jeňe ugradanlaryň,
Kalbynda ýaşap ýör bir beýik ykbal.

Ýowdan ýeňiş nilen gaýdyp geljekleň,
Bary arzuw bolup kalplarda bekän,
Söýginiň ýürekde dömşi deý, eger,
Näumyt didede eýläpdir mekan.

Gülgün öwsen, öpülmedik ýaňaklar,
Solar galar.Biwepalar öpmezler.
Boş galan gujakda ýatar umytlar,
Ynam umyt odun ýakar, öçmezler.

Gülle namart awlar, çaýmaz merdana,
Jeň meýdany meşhanadyr, meýhana.

VI.

Jeň meýdany meýhanadyr meýhana,
Serhoş bolar ýigit ar diýp çykanda.
Eger birden,dolan güni peýmana,
Özge nerler namys goýmaz hatarda.

Duşman peslär ýaly däldiur, ynanyň,
Ol şeriň gaýmagyn ýalap ulalan.
Ondan ýaňa Zemin ýüzi yranyp,
Adamzadyň deň ýarysy gul olaň.

Dyrnagy demirden , demi ýalyndan,
Ol depgiläp gunçalarňy, gülüňi,
Geçirjek älemi otly ýalyndan,
Hemem göge sowurmakçy külüňi.

Unsan-nä, Güne-de eýlejek emir.
Şemalyň ugruma tasanýan ümür.

VII.

Şemalyň ugruna tasanýan ümür,
Monjuk bolup gumly ýollara ýagýar.
Toprakda başlanýar ýeňişli ömür.
Däne çygly ýeriňýüzüni ýarýar.

Jepaly ýyllaryň çagalary biz,
Çagalygyň hözirini görmedik.
Bu gün perzentleriň ýylgyryşlarynda,
Köýüp giden çagalygmyzy gördük.

Ýörjen-ýörjen bolýar perzendim bu gün,
Gyrawly topraga aýagyn basýar.
Gün şuglasy aýlan geçýär küregin,
Ýuwulan bulgur deý päkize asman.

Bilýän, bu gün ýere gaçan her däne,
Erte läle bolup çykar meýdana.

VIII.

Erte läle bolup çykar meýdana,
Aslaynda topraga garylan ýarlar,
Boýny buruk ezizleriň alynda,
Gül lebinden monjuk döküp aglarlar.

Arzuwlar, gargyşlar jeňlere gidýär,
Jeňden agy bilen pyganlar gelýär.
Boş galan gujakda aglaýar hyýal,
Topragy ýassanyp ezizler ölýär.

Çynar boýly ýaryn ugradanlara,
Iki barmak hatda gowuşýar jogap.
Umyt, söýgi doly gyzgyn gursakda,
Arzuw diňip, umyt bilermi sowap.

Ýar giden ýollarda gözler galýarlar,
Ýara aýdylmadyk sözler galýarlar.

IX.

Ýara aýdylmaly sözler galýarlar,
Ajal bolsa sepeläp dur, sepeläp,
Mertlar ýagy baryn kowup barýarlar,
Ýere daman gyzgyn gany depweläp.

Gül ýassanýar, buz ýassanýar oglanlar,
Sora-sora däri ysly howany.
Olaň pikirininde, umyt, göwnünde,
Ýeňişiň sowaly, ýaryň sowaly.

Watan kükregine gursak goýulýar,
Ajaly depeläp ýörelýär ýeňşe.
Ajal gülleleri maňlaýdan girýär,
Mertler ýow gününde bermeýär ýeňse.

Ýeňişli günleriň arzuwun çeke,
Sähräniň goýnunda döreýär depe.

X.

Ezizler ezizin ýada salýarlar,
Jeren gözler lowlap ýanýar ýalynly.
Sumbarly enäni emen esrek ner,
Wolganyň boýunda ýere ýazyldy.

Dileg edip, namazdan soň Alladan,
Gündiz Güneden, gije Aýdan sorady.
Hudaý galdy ene üçin armanda,
Ogul welin watanyny gorady.

Ýüz bolup obadan gidenlermiziň,
Ene gujagyna dolandy biri.
Saçy agarypdyr, üýtgäpdir meňzi.
Görüp, bar enäniň büküldi bili.

Ýaşarmy? Bu ýowuz zulumy çeken?
Nätjek! Kyn gündede ýaşalýan eken.

XI.

Nätjek, kyn günde-de ýaşalýan eken,
Biziň oglanlarmyz ýeňdiler bir gün.
Gelinler göws gerip öňünden çykar,
Misli bahar saýranowadan sülgün.

Ýeňişi arzuwlap, ýetip bilmedik,
Ýa-da beýik maksadyna ýetenler.
Bu zalym urşy ýeňip, yzladyp,
Dänýä dynçlyk daragtyn ekenler.

Siziň kepän ýaňagňyzdan öpenler,
Ýigdeldi. Ýylgyrdy, dünýäniň ýüzi.
Ýowuz gün hak iş diýp wepat bolanlar.
Direlder ýürekde diriler Sizi.

Adamzadyň beýik Kanunna görä,
Dynçlygyň sarpasy belentdir örän.

XIII.

Dynçlygyň sarpasy belentdir örän,
Ony ýeňjek ýokdur, tüpeňli, okly.
Ýer ýüzüni janyn gerip goraglan.
Ogullar gezsip ýör gursagy okly.

Oskoloklar ýaşap ýörler bedende,
Dideler henizem ýollara bakýar.
Kyrkbäşde ýeňsegem, ýeňsegem, käte,
Didelerden, nätjek, gözýaşlar akýar.

Ençe ýyl geçse-de, Ýeňişden bäri,
Görülen jepalar öçerli däldir.
Meniň bu gowşajyk şygrym-hyýalym,
Urşa ýigrenjimiň hemmesi däldir.

Geçmişi ýatlamak, şu güni söýmek,
Günler bala meňzeş, gijeler gaýmak.

■ Magistral

Ýöräň ýeňşe sary deň gadam urup,
Uýup adalata, ýeňişe uýup.
Watan ýylydýarka bedeni, gany,
Hasratlyň alyndan Gün dogan ýaly.

Şemalyň ugruma tasanýan ümür.
Bilýän, bu gün ýere gaçan her däne,
Erte läle bolup çykar meýdana.

Ýar giden ýollarda gözler galýarlar,
Ýara aýdylmadyk sözler galýarlar.
Ýeňişli günleriň arzuwun çeke,
Sähräniň goýnunda döreýär depe.

Ýaşarmy? Bu ýowuz zulumy çeken?
Nätjek! Kyn günde-de ýaşalýan eken.
Adamzadyň beýik Kanunna görä,
Dynçlygyň sarpasy belentdir örän

Geçmişi ýatlamak, şu güni söýmek,
Günler bala meňzeş, gijeler gaýmak.

1-15.09.1975.

Öwezdurdy NEPESOW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Poemalar